# Uruş ýyllaryndaky kolhozymyzyñ sklad müdirini göz öñüne getirmäge synanyşyk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Uruş ýyllaryndaky kolhozymyzyñ sklad müdirini göz öñüne getirmäge synanyşyk

URUŞ ÝYLLARYNDAKY KOLHOZYMYZYÑ SKLAD MÜDIRINI GÖZ ÖÑÜNE GETIRMÄGE SYNANYŞYK

Onuñ howalasy kim ýalyrakdy?
Özi datman, çagasyna dadyrman
Bazara iñ ilki hyýar çykaran
Söwdagär bolýar-a ~
Şoñ ýalyrakdy.

Ah, eýemsireýşi kim ýalyrakdy?
Haryda özüniñ bahasyn goýýan
Agzy golaýlaşsa gulagyn iýýän
Dükançy bardyr-a ~
Şoñ ýalyrakdy.

Öz göwnühoşlugy kim ýalyrakdy?
Ýokary bilimli, ýigrimi bäş ýaşly,
Eliniñ ýüzügi ýakutdan gaşly
Çişlikçi bardyr-a ~
Şoñ ýalyrakdy.

Ýöreýşi dagysy kim ýalyrakdy?
Hemmeden öñ "tabak garasyn" gören
Howlyda dähedem-dessemläp ýören
Horaz bardyr…
Ana, şoñ ýalyrakdy.

Berdinazar HUDAÝNAZAROW,
Türkmenistanyň Halk ýazyjysy.

Goşgular